# Oglumyñ arzuwlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oglumyñ arzuwlary OGLUMYÑ ARZUWLARY

Oglum diýýãr «Eje, men ulalamda,
Hökman uçar sürjek, uçarman boljak»
Söweşli kinoda mertleri synlap,
Diýýãr, «Men mundanam edermen boljak».

Ol ýerdäki iñ ullakan ulaglañ,
Ählijesin hyýalynda sürende.
Ullakan kranly, örän köp gatly,
Arzuwynda owadan jaý guranda.

Hakykatda iş bitiren şekilli,
Gülüp-oýnap ojagmyzy ýaz eder.
Soñam dutarjygny alyp goluna,
Tirñildedip bir şirinje saz eder.

Arzuwlary gör, nähili ajaýyp,
Käte mugallym ol, kãte-de lukman.
Esger görse başyn dik tutup, diýýãr,
«Ulalamda esger bolaryn hökman».

Meñ körpeje guzym, arzuwçyl oglum,
Enşalla, bolarsyñ Watanyñ merdi.
Isle mugallym bol, isle lukman bol,
Emma seniñ derdiñ bolsun il derdi.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular